# Yşk

Category: Ertekiler,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Yşk YŞK



Sen neneñ şahandaz, eý bagtly durmuş,
Göreş edýän gije-gündiz sen diýip.
Geçir meni käýän bolsam «şekliñe"
Iki-ýeke ýalhoruñdan pent iýip.
Husnuñy güllere gark etmek isläp,
Tikenleñ keşigin çekýän üýtgeşik.
Gülle böwsen söweş baýdagy ýaly,
Bu ýürek bolupdyr eleme-deşik.

Men öňe barýaryn şol ýürek bilen,
Ony aýap bejermegiň deregne.
Ynanýan özüňden taparyn melhem,
Söýgiden eleme deşik ýüregme.

## • Böwenjik

Gadym ertekiler gür berýär bize,
Ilde peýda bolan göýdük böwenjik.
Dowar sürülerni çykarman düze,
Diýipdir ol:
– Seni iýmän nämejik.

– Lak-luk atyp ýörkä basym-basymdan,
Iýenni siňdirip bilmändir aňsat.
Ýarylan çak,
Bir owlagyň şahyndan,
Öz ýerli-ýerine düşüpdir bar zat.

Pök-pök edip,
Onda-munda köw berip,
Şol böwenjik häzirlerem tapylýar.
Ýöne indi,
Bedewler deý köwlenip,
Kişňäp duran goşgylara topulýar.

Kakabaý YLÝASOW. Goşgular